# Tämizlik

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Tämizlik TÄMIZLIK

Ýagyş ýagýar, ýene jaý üçeklerine,
Gara bulut suw dänesin goýberýär.
Damjalar syn etmän düşjek ýerine,
Şol ýuwup ýör, oýlarmyza oý berýär.

Tozanlar köp ýatdy ýaprak ýüzünde,
Akdyrdy ternawlar ýuwlan üçegin.
Gara ýoly ýuwmaklygyň haýry ýok,
Damja ýuwdy tebigatyň düşegin.

Ýagyş ýagýar köçelerde şabyrdap,
Şeýdip ýuwlar – tebigatyň dünýäsi.
…Ähli zat ýuwulsa, ýagyş ýaganda,
Eýsem ýuwulmazmy adam günäsi?! Goşgular